# «Gan köçesi» bu gezek Sanadan geçýär!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Gan köçesi" bu gezek Sanadan geçýär! «GAN KÖÇESI» BU GEZEK SANADAN GEÇÝÄR!




*Uruşlar indi biziñ bilen Ysraýylyñ arasynda däl-de, öz aramyzda bolup geçýär.*
*Müsüriñ we Siriýanyñ 1973-nji ýylyñ 6-njy oktýabrynda Ysraýyla garşy başlan Ýom Kippur urşy (Oktýabr urşy) Ysraýyl bilen Arap ýurtlarynyñ şu güne çenli garşylaşan iñ soñky urşudy. / Fotosurat: AA*
Oktýabr urşuna şu gün elli ýyl dolýar. Tegelek ýarym asyr geçipdir. Haýsy tarapdan alañda-da ullakan san.
Ha şahs bolsun, ha topar. Ha halk bolsun ýa döwlet. Kän zady añladýar.
Indi hemmeler şol taryhy çatryk hakda çap edilen materiallary köp okaýar.
Ýa-da käte Ysraýyly ýeñilmekden halas etmekde aýgytlaýjy daşarky roly oýnan Genri Kissinžeriñ, käte ýalñyşýandyklaryny aýdan we uly uruşlaryñ harby arenasynda kanalyny çekip

bolýança Ysraýyly aldamagy başaran prezident Enwer Sedatyň fantaziýasyndan hem-de ýiti pähim-paýhasyndan söz açan ysraýyl generallarynyň ýazgylaryny okaýarlar.
Bu maglumatlaryň näderejede dogrudygyny bilemzok, ýöne onuň hakykata has ýakyn bolmagy mümkin, çünki ysraýyllylylar öz adamlaryna ýalan sözlemeýär.
Olaryň hemmesi Genri Kissinžeriň üpjün eden howa koridory bolmadyk bolsa, Ysraýylyň özbaşdak döwlet hökmünde çagşamanyň bäri ýanynda durandygyny aýdýarlar.
Ilkinji gezek şol uruş wagtynda BMG-nyň Baş Assambleýasy hakda habar taýýarlap ýördüm.
Bu şol bir wagtyň özünde Amerika yklymyna tarap Atlantik okeany birinji gezek geçişimdi.
Täze dünýäniň öňünde geň galyjylyk bilen durkam, özümi bütin dünýäni ýakyp-ýandyryp barýan urşuň öňünde öwwelip durdum. Tolgunýardym.
Birinji gezek araplaryň uruşyň ýeňiji tarapyndadygy görülýärdi. Dezinformasiýa uruşy-da gyzyşypdy.
Hem diplomatiýa uruşy-da… Hemmeler goşmaça kararlar kabul etmek üçin BMG-nyň Howpsuzlyk geňeşine üýşdi.
Dünýäni makalalar, ýazgylar, düşündirişler tutdy. Hususanam ýurtlarymyzy. Ýurtlarymyzda şol makalalar näme aýdýardy?
Ýurduň «genileri» geçişiň oýundygyny we iň gowy ähtimallykda iki tarapyň arasynda Müsüriň gahrymançylygy, Ysraýylyň bolsa ýeňilişi boýun alýan ylalaşykdygyny aýdýardylar.
Ençeme ýyllap taýýarlanan, on müňlerçe esgeriň sürlen, müňlerçe adamyň wepat bolan we hiç kimiň gözegçilik edip bilmedik pursatlarynda, tas üçünji jahan urşunyň turmagyna getirjek urşuň oýun-oýunjak bolmagy akla-huşa sygjak zatmy?
Ýurtlarymyzy, gazetlerimizi, seminarlarymyzy, programmalarymyzy dolduran, Müsüriň ýeňiş gazanyp bilmejegi ýa-da bu gezek ysraýyl goşunynyň güýjüni sýurpiz hüjüm bilen ýeňip bilmejekdigi hakdaky jahyllyk, samsyklyk we syýasy, harby körsowatlyk bilen edilen teoriýalara elli ýyldan ýa-da ýarym asyrdan soň jogap berenem Ysraýylyň hut özüdi!
Elli ýyl öňem bize ýara salan şudy. Arap «genileriniň» biziň diňe ýeňilip gelýän halkdygymyz baradaky hötjet pikiri we

yzyndan uzaga çeken arap agzalalygyna boglup galyşymyz…
Uruşlar indi biziñ bilen Ysraýylyñ arasynda däl, öz aramyzda bolup geçýär.
Enwer Sedaty öldürdik, onuñ ganhory üçin Tähranyñ jümmüşinde dynman akyp ýatan gan çeşmesini gurduk we Ierusalime barýan ýoly taýýarladyk.
Bu gezek bu «gan köçesi» Sanadan we Saadadan geçýär!

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Şenbe, 07.10.2023 ý. Publisistika